# Batyr ýigit we mahluk

Category: Ertekiler,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Batyr ýigit we mahluk BATYR ÝIGIT WE MAHLUK




Ir zamanlarda Balkan dagyny özüne mesgen edinen ilat agzybirlikde, asuda durmuşda ýaşap, dowardarçlyk, düýedarçylyk we gylýalçylyk bilen meşgullanypdyr. Dag jülgelerinde çeşmeler köp bolupdyr. Argyş kerwenleri alys ülkelerden miweli baglaryň nahallaryny getirenlerinde, olar ýerli ýagdaýa tiz uýgunlaşypdyrlar. Hiç kimden garaw görmeýän aw guşlary we ýabany haýwanlar serçemenli meýdanlarda erkana ýaşapdyrlar.
Pasyllaryň çalyşýan döwürlerinde tiredeş taýpalaryň çarwadarlary ýaýlalara mallaryny sürüp gelenlerinde olar myhmansöýerlik bilen kabul edilipdir.
Ýöne günleriň birinde jelegaýda saýry çarwadarlar peýda bolupdyrlar. Gelmişekler sonarly meýdanlary, süýji suwly guýulary eýeläp, daglylary gysyp başlapdyrlar. Netijede daglylar bilen saýrylaryň arasynda gan döküşikli çaknyşyklar ýüze çykyp başlapdyr.

Günleriň birinde tireleriň ýaşululary geňeş çagyryp, argyş kerwenleriniň ýolunyň ugrunda, dag jülgesiniň girelgesinde derbent gurmagy karar edipdirler. Şeýlelikde bu berkitmeli düşelgehana daglylary gelmişeklerden gorapdyr, bezirgenleriň arkaýyn söwda etmegini, olaryň arkaýyn dynç almagyny üpjün edipdir.
Daglylar bir duşmandan dyndyk diýseler, ikinji ýagy ýüze çykypdyr. Derbentden uzak bolmadyk gowakda bir mahluk mekan tutunypdyr. Onuň ýaly eýmenç jandara heniz sebitde duşan ýokmyş. Şol günden başlap, daglylaryň we olaryň myhmanlarynyň rahatlygy bozulyp başlapdyr. Ony gözi bilen gören adamlar mahlugy şeýle sypatlandy ýarmyşlar: goşa ganatly, jüjüt, uzun aýaklary ýiti dyrnakly, kellesi dag goçunyňka meňzes bolsa-da bürgüdiňkä çalymdaş gaňyrçak çüňki bar.
Her gün säher bilen bedroý mahluk çakyr sesi bilen gygyrýarmyş welin, şonda ilatyň depe saçy bir ýere çugdamlanýarmyş. Daglylar günde oňa bir dowary eltip bermegi ýola goýupdyrlar. Günleriň birinde gerçek ýigitleriniň biriniň sabyr käsesi püre-pür bolupdyr. Ol mahluk bilen tutluşanda wakanyň soňy gerçek ýigidiň heläk bolmagy bilen tamamlanypdyr.
Elbetde, beýle ýagdaý uzak dowam edip biljek däldi. Şonuň üçin tiredeş taýpalaryň geňeşini çagyrmaly bolupdyr.
Birleşen taýpalaryň geňeşi mahlukdan ilaty dyndaran adama bir süri dowar we galanyň iň görmegeý gyzyny nikalap bermeli diýen karara gelipdirler.
Argyş kerwenleri bu habary alys ülkelere çenli ýetiripdirler. Ýöne betnyşan mahluk bilen tutluşanlaryň ömri pajyga bilen tamamlanypdyr. Bu hala mahlygyň halys gahar gelipdir we indi gündelik getirilýän dowardan kanagat etmändir.
Günleriň birinde derbentde aty, ýaragy ýetik görmegeý bir ýigit peýda bolupdyr. Ol özüni Baýram batyr lakamy bilen tanadypdyr. Şu ýere gelmeginiň anyk sebäbini mahluk bilen "ýa almaly, ýa-da ölmeli" diýip, darkaşa girjekdigini aýdyp, kethudadan ejaza sorapdyr.
Duşmanlaryň söweşi tutuwbaşdan gazaply başlanypdyr. Mahluk her gezek çirkin sesi bilen zenzele edende bir gezek onuň agzyndan ot, bir sapar suw, soň bolsa tozan çykýarmyş. Her niçik bolanda hem batyr ýigit örän gaýduwsyz we erjel eken.
Ol mahlugy öldürip, onuň kellesini kethudanyň öňüne oklanda, ilatyň şowhuny artypdyr.
Hawa, Baýram batyr bu gün yglan edilen baýragyny almalydy.

Ilat hem toýy uludan toýlamalydy. Emma batyr ýigide bu güni görmek nesip etmändir. Sebäbi ol mahluk bilen söweşende ýaraty bolan ekeni. Şol agyr ýara bolsa onuň ömrüni kertipdir.

Obanyň kethudasy ilaty wepat bolan Baýram batyryň soňky wesýeti bilen tanyşdyrypdyr. Halk batyr ýigidi hormat bilen depin edilipdir. Batyry hatyralap sadaka beripdirler, aýat-töwür edipdirler. Gahrymanyň mazarynyň üstüne gümmez galdyrypdyrlar. Batyryň wesýetine laýyklykda, yglan edilen baýragyň hasabyna metjit gurulypdyr, garyp-gasarlara harajatlyk serişde sahylyk bilen paýlapdyr.

Gaýduwsyz ýigit barasyndaky döredilen halk rowaýatlary biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Halk öz gahrymanlaryna mynasyp hormat goýýar we olary hiç haçan unutmaýar.

Şahymerdan SARYOGLY. Ertekiler